# Russiýa-Günbatar çaknyşygy bütin dünýä ýaýraýar

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Russiýa-Günbatar çaknyşygy bütin dünýä ýaýraýar
RUSSIÝA-GÜNBATAR ÇAKNYŞYGY BÜTIN DÜNÝÄ ÝAÝRAÝAR




*Ukrainada, Moldawiýada, Gürjüstanda, Litwada, hatda Koreýa ýarymadasynda-da Russiýa bilen Günbatar garşyma-garşy gelýär*

Ukrainadaky uruş dowam edýär. Moldawiýada we Gürjüstanda saýlawlar geçirildi. Koreýa ýarymadasy bulaşmaga başlady. ABŞ-daky saýlawlara az wagt galdy… Şu we şunuñ ýaly halkara üýtgeşmelerde yz goýan meseleleriñ birem Russiýa-Günbatar garpyşygy.

BRICS forumynda «BBC»-niñ korrespondenti Russiýanyñ döwlet ýolbaşçysy Putine şeýle sorag berdi:

– *Siz ýygy-ýygydan döwlet howpsuzlygynyñ we durnuklylygyñ gürrüñini edýärsiñiz. Ukrainadaky harby operasiýañyzdan öñ*

*Russiýa garşy kiber we dron hüjümleri, dürli hüjümler we rus territoriýasyna çozulmagy* (Kursk oblastynyñ bir bölegi 6-njy awgustdan bäri ukrain goşunynyñ okkupasiýasy astynda -H.A.) *ýaly zatlar bolmazdy. Mundan üç ýyl öñ Russiýanyñ döwlet howpsuzlygy taýdan şertler häzirkisinden has gowy dälmidi?*
Russiýanyñ prezidenti:
– *Hawa, öñ dron hüjümleri ýaly zatlar bolmazdy* – diýip başlan jogabyny şeýle dowam etdirdi: – *Ýöne ýagdaý şu günküsinden has erbetdi. Çünki Günbatar bizi äsgermeýärdi. Bizi ikinji synply döwletiñ derejesine düşürjek bolýardy. Bu bolsa Russiýanyñ at-abraýyna garşy ylalaşyp bolmajak ýagdaýdy. Russiýa bular ýaly zada razy bolup bilmez, özüniñ at-abraýyna çirk ýetirtmez. Şeýle ýagdaýdan baş alyp çykmagymyz gerekdi.*
Soragyñ özi ýaly berlen jogabam täsin we möhüm. Munuñ düşündirişini her kim özüçe ýorýar. Käbir pikirlerimi soñrak ýazmakçy. Ýöne ondan öñ birnäçe wawwaly täzelikleriñ üstünde durup geçeliñ.

- **Öñki sowet respublikalary bulaşýar**

Saýlawlar bilen geçen 2024-nji ýylyñ soñky aýlaryna girip barýarkak gözler öñki birnäçe sowet respublikasyna dikildi. Moldawiýa we Gürjüstan saýlawlary diýseñ çekişmeli geçdi. Çekişmelerde zol-zol Russiýa meselesi öñe saýlandy. Hatda Litwadaky saýlawlarda oppozision Sosial-demokratik partiýanyñ üstün çykmagyna-da şunuñ bilen baglanyşyklylykda baha berildi: Eýsem-de bolsa täze hökümet ÝB-niñ we NATO-nyñ Moskwa garşy pozisiýasyny öñküsi ýaly dowam etdirip bilermi? Ýa bolmasa köp sanly rus oppozisioner migrantyna garşy nähili hereket eder?
Moldawiýa hakda bir hepde öñ ýazypdym. Günbatarçy prezident Sandu prezident saýlawlarynda-da, ÝB-niñ düzümine goşulmak boýunça geçirilen konstitusion referendumda-da garaşan netijesini gazanyp bilmedi.
Referendumda ÝB-niñ tarapdarlary «burun tapawudy» bilen öñe saýlananam bolsa, gowur ýatyşmady we bu mesele indiki ýylyñ parlament saýlawlarynda-da birinji derejeli meseleleriñ biri bolup galjaga meñzeýär. Prezident saýlawlarynda bolsa Sandunyñ

russiýaçy oppozisioner Stoýanoglonyñ garşysyndaky 26%-den 42%-lik öñdeligi 3-nji noýabrda geçiriljek ikinji tapgyr saýlawlarda arkaýyn üstün çykmagyna ýetmän biler. Antigünbatarçy ähli kandidatlaryñ gatlagy birleşse, kyndygyna garamazdan häkimiýeti ýeñlişe uçradyp biler.
Moldowan oppozisiýasy Sanduny saýlawlarda galplyk etmekde aýyplasa, olam öz gezeginde Russiýanyñ saýlawlara täsirini ýetirmek üçin ummasyz pullary harç edendigini öñe sürýär. Görnüşinden dawa ula ýazjaga meñzeýär.
Gürjüstandaky parlament saýlawlarynyñ bolsa 12 ýyldyr häkimiýetdäki «Gürji arzuwy» partiýasynyñ (54% ses bilen) ýeñişi bilen gutarandygy mälim edildi. Emma oppozisiýa aslynda özüniñ üstün çykandyguny we russiýaçy Iwanişwiliniñ öñbaşçylygyndaky häkimiýetiñ netijeleri çalşyrandygyny öñe sürýär. Üstesine oppozisiýany goldaýan häkimiýet ganatynyñ oña garanda az ygtyýarly adamy prezident Zurabişwiliniñ özem saýlawyñ netijelerini ykrar etmeýändigini mälim etdi. Ýurtda protest demonsyrasiýalary başlady. Nirä çenli dowam etjegi belli däl. Käbirleri 21 ýyl öñki «Gül rewolýusiýasyny» ýatladyp, Gürjüstanda gandöküşikli üýtgeşmeleriñ bolup biljekdigini öñe sürýär.
Bu iki öñko sowet respublikasyndaky iki zenan ýolbaşçy we olaryñ yzyna eýerýän gatlaklar bilen olara garşy çykýan Russiýanyñ goldawyndaky güýçler… Kimiñ üstün çykjagyny görübermeli bor-da. Emma Russiýamyñ bu ýurtlardaky täsirliliginiñ soñky döwürde artýandygy-da boýun almaly hakykat.
Täsirliligiñ tapawutly ýene bir tarapy bar: Gürjüstanda pikir soralşyk anketalary halkyñ aglaba böleginiñ ÝB-ne agzalygyñ tarapyndadygyny görlezýärdi. Häzir muña goşmaça ýene şol halkyñ hakyky pikir-düşünjesi nähili bolanda-da, 2008-nji ýyldaky ýaly Russiýa garşy uruşmakdan gorkýandygy we Ukrainada bolup geçen weýrançylykdan ýiti täsirlenip Moskwanyñ gaharyny getirmek islemeýändigi barada hem düşündirişler berilýär.
Şeýle-de Russiýanyñ Demirgazyk Koreýa bilen strategiki hyzmatdaşlygy ýola goýmagy we harby ýaranlygy pugtalandyrmagy garşydaş frontda nägileleikleriñ döremegine getirýär. Soñky

hepdelerde Demirgazyk Koreýaly esgerleriň Russiýa gelip düşendigininiň ýüze çykmagy ilki bilen Günorta Koreýany alada goýdy. Şol bir wagtyň özünde Ýaponiýany, hatda Hytaýy ynjalykdan düşürdi.
Strategiki hyzmatdaşlyk baradaky şertnamasy daşyndan howp abanan ýagdaýynda biri-birini harby taýdan goldamak borçlulygyny getirýär. Koreýaly esgerleriň Kurskiniň Ukrainadan azat edilmeginde ulanyljakdygy öňe sürülýär. Birden Koreýa ýarymadasyndaky dartgynlylyk çaknyşygyň döremegine getiräýse, rus esgerleri-de ol ýerik gidäýermikä?
Bu ýagdaý Russiýa-Ukraina urşunyň Uzak Gündogara ýaýramagyny we Üçünji jahan urşuna öwrülmegini aňladýarmy? Ýagdaý diýseň gorkuly…



- **NATO hasam güýçlendi**

Indem ýene ýazgymyň başyndaky gürrüňe gaýdyp geleliň.
Russiýa Günbataryň ykdysady sanksiýalarynyň garşysynda dyza çökmedi. Rus ykdysadyýeti ýykylmady. Gaýtam goranyş bady güýçlenen ykdysady ösüşiň bolandygy aýdylýar. Bu ýagdaýyň we

sanksiýalaryň öňümizdäki ýyllarda üýtgejegini öňe sürýänler bar bolsa-da, şu günüň ýagdaýy şeýle.
Eýse Russiýanyň Ukraina çozan 2022-nji ýylyň 24-nji fewralyndan bäri Russiýanyň howpsuzlygy öňküsinden has güýçli ýagdaýa geldimi? Russiýa bir ýana, sebitleýin howpsuzlyk meseleleri (Ýewropada, Garadeňizde, Balkan ýurtlarynda, Ýakyn Gündogarda, Uzak Gündogarda we başga ýerlerde) taýdan dünýä has howpsuz şertlere ýetdimi?
Edil muny öňe sürüb-ä bolmaz. Tersine, birnäçe sebit we umuman alanda dünýä öňküsinden has howply hala geldi.
Mundan 33 aý öň näçe adam Russiýanyň goňşulary Finlandiýanyň we Şwesiýanyň NATO-nyň düzümine girjegini aýdyp bilerdi? Dartgynlylygyň möwjemeginiň netijesi hem-ä bu döwletlerd Moskwa gorkusy bilen NATO-nyň eteginden ýapyşma mätäçligini duýdurdy (ýa-da birnäçe faktoryň täsiri bilen şeýle ýoly saýlap almaga mejbur edildiler) hemem ABŞ-NATO ülpetligi «şertlerden ussatlyk bilen peýdalanyp» bu ýurtlary harby pakta goşma üstünligini görkezdi.
Diňe hataryny güreltmek däl, 2022-nji ýyldan öň birküç ýylyň ićinde mazaly tapdan gaçan Günbatar frontynyň we fransuz prezidenti Makronyň (2019-njy ýylda) «beýin ölümi boldy» diýen NATO-nyň konsolidasiýasy we ABŞ-nyň öňbaşçylygynda täze hüjümlere taýýarlanmagy taýdanam möhüm üstünlikleri öz hasaplaryna ýazdylar.
Ýewropa gitdigiçe howply yklyma öwrülýär. Okeanyň aňyrsynda ýagdaý başgaça. Uruş başlany bäri gazanan milliardlarça dollary bilen amerikan ýarag öndürijileriniň we söwdagärleriniň soňky ýyllaryň iň bagtygelen aktýorlarynyň arasynda ýer alandygyna şübhe ýok. Olar üçin sebitleýin howplaryň möwjemeginiňem, ukrainaly we russiýaly ýaşlaryň ölmeginiňem bildirýän ýeri ýok.
Has yza saramaly bolsa, Sowet Soýuzynyň we Gündogar blogunyň, şeýle-de bularyň harby guramalary bolan Warşawa paktynyň dargamagyndan soň NATO-nyňam dargadylmagynyň gerekdigini aýdanlara Waşingtondan hiç ymykly jogap berilmedi. Gaýtam tersine, ABŞ SSSR-iň ep-esli bölegini tutup duran Russiýa Federasiýasynyň daşyny gurşamak, ony we Hytaýy duşman yglan

edip ýaraglanmak we NATO-nyň agzalaryny artdyrmak syýasatyny ýöretdi.
Şeýlekin şertde rus ýolbaşçylary Ýelsiniň we Putiniň Russiýany NATO guramasyna almak hakdaky tekliplerinden ýüz öwrüldi. Nämemiş, «gojaman Russiýanyň pakta alynyp, uýgunlaşdyrylmagy kynmyş». Häzirki bolup geçýän we dünýäni ýok bolma howpy bilen başa-baş goýan üýtgeşmeler hamana juda aňsatmyş ýaly…
Taryhy imperiýa, ýer-ýurt basybalyşlar, ýurduň içinde we daşynda birgiden uruşlar bilen geçen Russiýanyň parahatçylykly we durnukly syýasaty ýöretmek taýdan ezberdigini öňe sürmek-de kyn. Kreml hem-ä Günbatara, hem-de özüne ýakyn saýyp biljek ýaranlaryna we goňşularyna garşy güýjüni görkezmek bilen öňe saýlanmaga öwrenişen.
Ýagdaýyň şu günki hala gelmeginde esasy faktorlaryň arasynda ýolbaşçylaryň täsiriniň bardygyny aýratyn belläp geçeliň: Meselem Brežnewiň, meselem Gorbaçýowyň, meselem Ýelsiniň döwründe Russiýa-Günbatar gatnaşyklary şumatkysy ýaly dartgynlylyga ýetermidi? Dogrusy, bilemok. Emma Putiniň geçmişi, häsiyeti, döwlet howpsuzlygy we watansöýüjilik garaýşy, wakalaryň şular ýaly görnüşde özgermeginde inkär edip bolmajak rol oýnady.

Hakan AKSAÝ.

@Aksay
Hakanaksayhakan@gmail.com

«T24» internet gazeti, 31.10.2024 ý. Publisistika